# Salamyň edebi.

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

Musulmanlaryň salamy atamyz Adamyň (aleýhis salam) salamydyr. Musulmanlaryň salamy jennetileriň, perişdeleriň salamydyr. Salamyň edebini öwrenip, salamy ýaýratmak imanyň köpelmegine, jennete girmegimize we halkyň arasynda sylag-hormatyň, söýgü-muhabbetiň, agzybirligiň güýçlenmegine sebäp boljakdyr.

Hut şonuň üçin Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) bize nesihat edip, şeýle diýýär: **"Iman etmeseňiz jennete girmersiňiz. Biri-biriňizi (Allahyň razylygy üçin) gowy görmeseňiz iman etmersiňiz. Size biri-biriňizi gowy görüp (sylag-hormat) etmegiňize sebäp boljak zady öwredeýinmi? Araňyzda salamy ýaýradyň!"** *(Muslim)*

Musulman doganlar salamyň edebini öwrenip, salamy ýaýradalyň! Çünki Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) muny bize tabşyryk berýär.

1-Musulmanlar birek-birege Esselämu aleýkum ýa-da Esselämu aleýkum we rahmetullah ýa-da Esselämu aleýkum we rahmetullahi we barakatuh diýip, salam bermelidir.

Manysy: Allahyň salamy we rahmeti we bereketi size bolsun diýmekdir.

Bellik: Salam dogadyr. Musulmanlar bir-biri bilen görüşenlerinde birek-birege doga-dileg edýärler. Şonuň üçin salamy asyl boluşyndan üýtgetmeli däldir. Salam berişimiz ýa-da alyşymyz üýtgese dogada üýtgeýär we ýalňyş manylary aňladýar.

Mysal üçin halkymyzyň içinde Solawmaleýkum, Salamälik ýaly sözler ýalňyşdyr. Bular ýaly ýalňyş salamlar halkyň içinde dini ylmyň azalyp, dini sowatsyzlygyň ýaýran wagty bolan, Sowet döwründe peýda bolandyr.

Erkegiň we zenanyň salamynda hiç hili tapawut ýokdur!

Yslamda salam bermezden gürrüňe başlamak halanylmaýar!

2-Uly jemagata salam berilende üç gezek gaýtalamak mustehapdyr.

Hezreti Enesden (radiallahu anh) rowaýat edilen hadysda: "**Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) ........bir jemagatyň ýanyna gelip salam berende, üç gezek gaýtalaýandygyny habar berilýär."** *(Buhari)*

3-Salamyň tertibi.

Ulagdakyň pyýada, pyýadaň oturana, az sanly kişileriň köplüge, kiçiň ula birinji salam bermegi sünnetdir. Bu barada *Buhari* we *Muslim*de gelen hadysda bize habar berilýär.

4-Salamyň sesli berilip, sesli alynmagy mustehapdyr. Emma salam beren ýeriňde biri ýatan bolsa, yuwaş sesli salamlaşmalydyr.

Hadysda: "....**Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) gije gelerdi we ýatany oýandyrmajak we oýa kişiden eşitjek derejede salam bererdi"** diýilýär.*(Muslim)*

5-Bir oturlyşyga geleňde-de ol ýerden gideňde-de salam bermelidir.

Hadysda: **"Sizden biri bir mejlise (oturlyşyga) gelende-de we ol ýerden gidende-de salam bersin"** diýilýär. *(Ebu Dawud)*

Bellik: Salamyň edebi biri bilen görüşeniňde-de Esselämu aleýkum diýmek we hoşlaşanyňda-da Esselämu aleýkum diýmekdir. Gynansakda biziň jemgyýetimizde bu sünnet ýitip, unudylan diýsek hem bolýar. Kä kişiler bu sünnetden bihabar bolanlary üçin gideniňde Esselämu aleýkum diýseň gaty geň görýärler. Şonuň üçin hem musulman doganlar bu sünneti ýaýratmakda we ýakynlarymyza öwretmekde gaýrat edeliň. Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) unudylan sünnetini direltmek uly sogapdyr.

6-Öýe gireniňde hatda öýde hiç kim bolmasada salam bermek sünnetdir.

Allah Tagala Kuran-Kerimde: فَإِذَا دَخَلْتُم بُيُوتًا فَسَلِّمُوا عَلَى أَنفُسِكُمْ تَحِيَّةً مِّنْ عِندِ اللَّهِ مُبَارَكَةً طَيِّبَةً

"**Öýlere gireniňizde birek-birege Allahyň gatyndan bolan mübärek salam bilen salam beriň"** diýýär. *(Nur 24/61)*

Ibn Omar (radiallahu anh) şeýle diýýär: **"Içinde adam bolmaýan öýe gireňizde Esselämu aleýnä we ala ibädillahis-salihin (Bize we Allahyň salyh gullaryna salam bolsun) diýiň."** *(Buhari)*

7- Hajatany giderip duran kişä salam bermek mekruhdyr.

Ibn Omardan (radiallahu anh) rowaýat edilýär: **"Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) aýak ýolundaka, bir kişi ýanyndan geçip barýarka salam berýär, emma Pygamberimiz onuň salamyny almaýar."***(Muslim)*

8-Çagalara salam bermek mustehapdyr.

Hezreti Enes (radiallahu anh) çagalaryň ýanyndan geçip barýarka olara salam berýär we Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) şeýle ederdi (ýagny çagalara salam bererdi), diýýär. *(Buhari, Muslim)*

9-Musulman dällere salamy ilki bermeli däldir.

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) bu barada: **"Ýehudy we Hristianlara siz birinji salam bermäň!"** diýýär.*(Muslim)*

Eger olar bize salam berseler diňe Aleýkum diýmeli! Çünki bu barada Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem): **"Haçanda size ähli-kitap (ýehudy, hristian) salam berende siz diňe Aleýkum/ Sizede diýiň!"** *(Buhari, Muslim)*

10-Tanaýanyňa we tanamaýanyňa salam bermek mustehapdyr.

Abdullah ibn Omardan (radiallahu anh) rowaýat edilýär, bir adam Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) ýanyna

gelip: “**Yslamda iň haýyrly amal haýsy diýip? - soraýar. Pygamberimiz Oňa: (Ajy) doýurmagyň we tanaýanyňa we tanamaýanyňa salam bermegiňdir**”diýýär. *(Buhari, Muslim)*

Bellik: Öňler halkymyzyň içinde bu sünnete doly amal edilenligini garrylarymyz bize aýdyp bererdi. Şu wagtam bu sünnet käbir obalarda saklanyp galypdyr.

Tanasakda-tanamasakda salam bermek sünnetdir musulman doganlar.

11-Salam getirenede, salamy ugradanada salam bermek mustehapdyr.

Biri bize gelip pylany salam aýtdy diýse, salamy getirenede salamy ugradanada salam bermeldir.

12- Ker ýa-da uzakda bolan kişi ýaly gerekli sebäp bolmasa, el bilen yşarat edip salam bermek bolýan däldir.

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem): **“Ýehudy we hristianlaryň salam berişleri ýaly salam bermäň! Çünki olar elleri bilen yşarat edip salam bererler”** diýýär. *(Beýhaki)*

Emma ýokarda-da belleýişimiz ýaly uzakdaky ýa-da ker bolan kişiniň ünsüni özüňe çekmek üçin eliň bilen yşarat etmek bolýandyr.

13-Salamlaşylanda el bilen salamlaşmak mustehapdyr.

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem): **“Iki musulman elleşip salamlaşsalar,** (ellerini biri-birinden) **aýyrmazdan öň Allah Tagala olaryň günälerini bagyşlar”**diýýär. *(Ebu Dawud)*

14-El bilen salamlaşylanda garşyňdaky elini çekýänçä eliňi çekmezlik mustehapdyr.

Hezreti Enesden (radiallahu anh) rowaýat edilýär, Ol şeýle diýýär: **“Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) biri bilen görüşip, salamlaşanda garşysyndaky adam elini yzyna çekýänçä Ol elini çekmezdi.”** *(Tirmizi)*

15-Salamlaşaňda egilmek, bükülmek, sežde we şoňa meňzeş zatlary etmek haramdyr.

Hezreti Enes (radiallahu anh) şeýle rowaýat edýär: Bir adam gelip Pygamberimizden (sallallahu aleýhi we sellem):**“Ýa Resulullah! Bir musulman başga bir musulmana duşanda (salam berende) egilip (salam berse) bolýarmy?- diýdi. Pygamberimiz: Ýok- diýdi. Ol adam: Gujaklap öpse bolarmy? Pygamberimiz: Ýok. Ol adam: Elleşip salamlaşsa bolarmy? Pygamberimiz: Hawa diýdi.”** *(Tirmizi)*

Dinimizde salamlaşylanda ýa-da başga ýagdaýda bolsun, bir kişiň öňünde egilip-bükülmek haramdyr. Musulman kişi diňe namazda ruku, sežde edip Allahyň öňünde boýun egýändir.

16-Keseki (nämährem) zenan bilen elleşip salamlaşmak haramdyr.

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) biat (kasam) wagtynda ýanyna gelip elleşmek isleýän zenanlara: **“Men zenanlar bilen elleşmeýärin”** diýýär. *(Tirmizi)*

Pygamberimiz (sallalllahu aleýhi we sellem) bu barada şeýle diýýär: **“Sizden biriniň kellesine demirden iňňe dürtülmegi, özüne halal bolmaýan (nämährem) zenana degmesinden gowudyr.”***(Taberani, el-Kebir)*

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.